# Pedofiliň ölümi / nowella

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Pedofiliň ölümi / nowella PEDOFILIÑ ÖLÜMI




*Ol Nabokowyň «Lolitasyny» hem okamandy. Bu dert oňa kitap okamaýan döwri ýolugypdy. Özi bu dertmikä? Ýok bu dert däl, bu ryswalyk, eger bir gün bilinäýse bu ölüm bilen tamam boljak masgaraçylyk. Bu onuň pynhandan-pynhan syry. Aslynda syr bolarda pynhan bolmazmy?*

Oňa daşyndan Altybarmak diýýärler, öz ýanynda Alty aga. Altybarmaklyg-a dogry. Doglanda çep aýagynyň alty barmak anomaliýaly bolany üçin Altymyrat diýip at beripdirler. Ýagşylyga ýorup elbetde. Bir daýysy şonda “Eger aýagynyň däl-de elleriniň birsi alty barmakly bolanda, belki ýegenimiz wirtuozny pianist bolardy” diýipdi. Ýöne ulalyp Alty pianist bolmagy arzuwam etmedi. Ýogsa ol saz, mukam bilen gülki seslerini gowy görýär. Onda-da gyzjagazlaryň gülki seslerini halaýar. Olaryň şat-oýnap gülüşlerini synlamak kalbyny eljiredip, buzgaýmak ýaly eredip goýberýär. Şonda olara bolan yşk, söýgi gaýnaýar ýüreginde. Hiç düşündrip bolmaýan duýgular.

Ýaşynyň ellä golaýlap ýörendigine garamazdan ol henizem kalbynda gögele. Ýa-da şeýle diýip oýlaýar. On dört, on bäş

ýaşly gyzjagazlaram onuň pynhan yşgy. Alty olara nimfetkalar diýýär. Nimfetkalar – konfetkalar. Şol nimfetkalar onuň akyl-huşuny alyp, bir ömür ömrüne zyýan. Ony özem bilýär. Birje gezek, diňe birje gezek şular ýaljak nimfetka bilen bolsaň… ine, onuň tutuş ömre arzuwy. Onuň kredosy – nimfetka bilen bir pursat bolmak. Şahsy egosyny magrur edip, bir ömrüne sallah ýaşap ýörenem şonuň üçin.

* * *

Bäş gatly jaýyň birinji gatynda ýaşaýandygy üçin binanyň bir bölek ýerzemini Alta degişli. Ol işden boş wagty, dynç günleri bu ýerzemini remont edip, zeý geçýän ýerlerini bejerdi içine özi yşyk geçirdi, indi ýerzemin ýap-ýagty. Bu ýerde akyr-ukur goş-golaňy hem tertipläp goýsa bolýar. Bu ýerde kitaplar üçin tekjelere hem ýer bar. Ýerzeminiň içine girseň insiz äpişgelerinden daşary görünýär. egniň deňinden gelýän gözara kysym äpişgelerden seredip, geçip-ötýän uly-kiçi hemmesini görüp bolýar. Uly kiçi diýende Alty üçin kiçiler gyzykly. Ol öz ýerzemininden diňe ýanýoda bilen geçip ötýän okuwçy gyzjagazlary synlaýar. Neneňdir bir gyzjagaz eglip, aýakgabynyň bagyny daňmaga güýmenäýse dagy Alty ýerzeminden duran ýerinde balagyna elini sokup, mastrubasiýa başlar.
Bir hal bolandan soň, özüni köne diwana oklap, gözüni süzýär. Bu öňden gelýän lezzet. Onon çopanyň hünäri bi diýip, bilimseklik satýar, hiç hili aýyp zat ýok. Emma onuň kalbyndaky bir isleg: «haçanam bolsa bir wagt birje nimfetkajyk tapmaly. Tep-terje, süp-süýji, entek agzyndan süýt ysy gitmedik. – Soň öz -özüne sögünýär – Häý, haramzada pedofil, bu pikirleriň üçin bir gün-ä deriňe saman dykarlar».

* * *

Ýyllar geçip dur. Altynyň şol öňki derdi. Gyzjagazlar, gyzjagazlar. Nimfetkalar. Kämahal seýilbaglara gidip, ol ýerde bir özi oýna güýmenip joralaryndan yza galan ýetginjek gyzlary görüp erbet ýuwudunýar. Baryp oňa ýylgyryp bakasy gelýär, saçlaryndan sypalasy gelýär, onsaň…

Alty suwa gark bolýan ýaly hopugyp, içindäki pikirlerini kowjak bolýar, soň öz-özünimi seýilbagyndan kowýar. Ýolboýy öz-özüne käýinýär “Bir gün-ä şeýdip durkaň tutup, ýenjip öldürerler seni. Saňa geregem şol, garry gandon, ulalyp oňalmadyk pedofil”.
Ol öz-özi bilen göreşmegi karar etdi, asyl karar edeni gör haçandy. Indi näçe ýyldyr pikirlerini jemläp, ýetginjek gyzlara bolan hyjuwyny ýeňip geçmäge synanyşýar. Ýöne bolanok, başaranok. Bu kesel oňa ene süýdi bilen geçen ýaly. Özümi biçäýsemmi ýa diýip oýlanýar käte. Kämahalam aýal-gyzlaryň diňe orta ýaşlylarynyň ýaşaýan ýeri bolaýsa diýip, bolmajak zady kellesine getirýär. Şol ýerde men bu hassa niýetimden sowaşyp bilerdim.
Ýöne Alty ahyr bu derdiň dermanyny tapaýdy öýdýän. Ýok, ol derman – girdenek aýal. Onuň hassahyjuwlarynyň dermany şol. Ol aýal Arzuw bazaryň gapdalynda ýaşaýan eken. Alty ilki ony arkasyndan görüp, ýetginjek gyzmyka öýdüpdi. Yzyna garaman gidip barşyny synlap, ähli damarlary saň-gaty bolan Alty onuň birden bärsine öwrülende uly ýaşly aýaldygyny görüp haýrany hekgerdi. Dilini dişläp, başyny ýaýkady. Soňam girdenek aýalyň ýeňsesinden ýetginjek gyza meňzeýän illiýuziýasy Altynyň aňyndan gitmedi.
Soň ol aýalyň yzyna düşdi, ýörite ýaşaýan ýerine gidip, amadyny arap tanyşdy. Dogry aňsat bolmady, ýöne başardy ahyr. Uzak wagt geçirmän goş birikdirdi ikisi. Ilkinji gije yşyk söndürilen dessine düşege geçip Alty erbet tolgundy. Täze öýe gelen aýal, onuň düşekde özüni alyp barşyny geňledi, biraz mortaragam bolsa: “Siz öň bir aýal bilen dagy bolup görmediňizmi ýa” diýip, goram-gowşak halda sandyrap oturan täze ýanýoldaşyndan sorady.
Soňra durmuşlary birsydyrgyn dowam etdi, hemme zat gülala-güllük. Alty orta boýly, daýaw adam, aýaly bolsa onuň biline-de ýetenok, garaz girdenek diýseň girdenek. Gündizler ol aýalyna ünsem berenok, gije ýataga geçilenden soň başgaça.
Ýetginjek gyzlara bolan yşgy köşeşen ýaly indi. Ýöne Alty indi nimfetka diýen sözi-de halanok. Ýetginjek gyzlary görende ýüzüni ters sowýar. Ýadyna gelen bir klassik sazy hiňlenip,

edip ýören işi bilen boluberýär.

* * *

Gün öýleden agypdy, epgek biraz peselen ýaly. Şonda-da suwsap duran Alty öz ýaşaýan köp gatyly jaýlarynyň arasyndan gysby edilip gurlan markede tarap ýöneldi. Markede girdi, dürli harytlar duran tekjeleriň arasyndan ýöräp barşyna dürli suwlardan dop-doly sowadyjylaryň hataryna gönüledi. Gowy görýän mohita tagamly suwy. Birini däl, jüp etdi çüýşäni. Bolanna görä bal bolsun. Kassa äwmän bardy, hiç kim ýok, “Hany buýra saçlyja ýigidekçe oturýardy-la hemişe ýylgyryp?”
Alty elindäki suwly gaplary kassanyň öňünde goýup, eýlesine-beýlesine garanjaklady. Kassanyň aňrysynda açyk gapy. “Hä-ä, skladda bir zat edýän bolmaly”. Alty nämüçindir kassadan aňry geçip, gapydan ätledi, ýöne ondan aňry geçip bilmän doňup galdy. Markediň satyjysy, buýra saçly ýigidekçe alagaraňky skladda gutynyň üstünde otyr, garşysynda alty-ýedinji synp okuwçy gyz. Pyşyrdaşyp diýen ýaly gepleşip durlar, özara.
– Bol, indi aýdanymy et-dä? Söz berdiň-ä. Reňkini bilseň, özüni görkezerin diýdiň-ä?
– Ýok, goýsana. Utanýan men.
– Nämäniň utanmasy. Bärde diňe ikimiz. Men seni tik-toga goýjak bolup duramog-a.
– Ýok, şonda-da…
– Hany bol, çykar, men diňe seretjek, bolany.
Alty olaryň bolup durşyny synlap, özara gürrüňlerini eşdip ýuwaşja tutreýändigini duýdy, ýüzi hem gyzyp barýar. Buýra saçly ýigidekçe ýetginjek gyzjagazyň sagrysyndan ýuwaşja özüne çekip sypalap, haýyşyny tekrarlaýardy:
– Çykaraý trusiňi, bol, göreýin, onsaň goýberjek gidiber.
Gyzjagaz köýneginiň kelte etegine iki elini sokup, içgi eşigini sypyryp, dyzyndan aşak düşürdi.
Ýigidekçe “waw-w, -diýip gözlerini tegeledi.- betje zat-laý sen-n”.
Alty sandyrap durşuna bir boş gutyny ala-takyrdy edip ýere gaçyrdy. Erbet gorkan gyzjagaz, içgi eşigini ýokary çekip, ok

ýaly ylgap daşary çykyp gitdi. Satyjy ýigidekçe aňk-taňk, gapyda özüne garap duran Alta seredip doňup galdy. Bir maýyny tapyp ýerinden turjak boldy. Alty näme edýänini bilmän ýigidekçä topuldy. Eline ilen zat bilen urup ugrady, ýigidekçe elini kelemenledip özüni gorajak bolýar, emma başardanok. Gahardan, gazapdan guduz açan Altynyň gapdalda duran bir örküç mesgä nazary düşdi, mesgä çümdürilip goýlan tirsek boýy pyçak. Mesge kesilýän pyçak ýigidekçäniň janyny ýagdan gyl sogrulan ýaly etdi. Alty uly ýeňillik bilen pyçagy iki ýola ýigidekçäniň böwrüne sokup towlady:
– Al saňa, al harram pedofil, al saňa, me almytyňy.

Isgender MÄLIK. Hekaýalar